# Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebi

**Dersiň ady:** Sanly ykdysadyýet
**Topary:** Mekdebiň ähli hünärleri
**Mugallym:** Hanjanow Nurmuhammet, Hojamedowa Maral

## 2-nji tema. Sanly ykdysadyýetiň ýüze çykmagynyň sebäpleri we şertleri.

***Umumy okuwyň meýilnamasy:***

1. Tehnologiki ösüş: taryhy we häzirki döwürler.
2. Sanly ykdysadyýetiň döwürlere bölünişi.
3. Sanly ykdysadyýet globallaşmanyň täze döwri hökmünde.

***Peýdalanylýan edebiýatlar:***


1. Paýhas çeşmesi. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat. 2016.
2. Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy.
3. Babaýew G. we başg. Halkara töleg ulgamlary. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.
4. Головенчик, Г. Г. Цифровизация белорусской экономики в современных условиях глобализации / Г. Г. Головенчик. – Минск : Изд. центр БГУ, 2019.
5. United Nations E-Government Survey 2018 : Gearing E-Government To Support Transformation Towards Sustainable And Resilient Societies. – United Nations: New York, 2018.
6. http://www.economy.gov.tm


## 1. Tehnologiki ösüş: taryhy we häzirki döwürler.

Sosial-ykdysady gatnaşyklaryň transformasiýasy gündelik maglumat aragatnaşyk tehnologiýalarynyň giňemegi bilen baglanşykly. Adamzat siwilizasiýasy bilen tehnika we tehnologiýanyň berk baglylygy tehniko-tehnologiýa düşünjesiniň esasy giňemegine getirdi. Onuň häzirki zaman tapgyry, ABŞ-da, Ýewropa döwletlerinde we beýleki tehnologik taýdan ösen ýurtlarda 4-nji senagat rewolýusiýasy diýip atlandyrylýar. Ýewroaziýa ykdysady soýuzynda bolsa emele gelmegi esasynda 6-njy tehnologik tertibi bilen deňeşdirilýär.




Glazeýewiň Tehnologik tertibi:

| Ösüş döwri | Tehnologik tertibiň özeni | Köp duş gelýän önümçilige hyzmat edýän pudaklaryň kompleksi | Önümçilik guramalary |
|---|---|---|---|
| 1770-1830 ý.ý. Sengatlaşma rewolýusiýasynyň başlan döwri | dokma senagaty, maşyngurluşyk senagaty, çoýun eretme, demiri gaýtadan işlemek, ýollaryň gurluşygy, suw dwigateli(hereketlendiriji) | Ýollar, suw üsti ýollar | Önümçilik fabrikalary |
| 1830-1880 ý.ý. Bug eýýamy | Bug hereketlendirijileri, demir-ýollaryň gurluşygy, transport (daşama) maşyn-gämi gurluşyk, kömür we stanok-instrumental senagat, gara metallurgiýa | Demir ýollar, gämi gatnawly ýollar | Önümçiligiň enjamlaşdyrylmagy, ykdysady we medeni durmuşyň uly şäher merkezlerinde jemlenmegi. |
| 1880-1930 ý.ý. polat eýýamy | Elektrotehniki senagat, agyr maşyn gurluşyk, poladyň önümçiligi we sozulmagy, elektrogeçiriji liniýalar, organiki däl | Energoulgamy, poçta, telegraf, radioaragatnaşyk, telefon, demir ýollar | Önümçiligiň standartlaşmagy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| | himiýa | | |
| 1930-1970 ý.ý. nebit eýýamy | Awtomobil we traktor gurluşygy, reňkli metallurgiýa, uzak wagtlaýyn peýdalanylýan harytlaryň önümçiligi, sintetik materiallar, organiki himiýa, nebitiň önümçiligi we gaýtadan işlenmegi | Ýokary tizlikli awto ýollar, energoulgam, truboprowodlar, radio we telewidiniýa aragatnaşygy, gämi we awia gatnawlar. | Seriýaly önümçilik, hiliň ösüşi |
| 1970-2010 ý.ý. ylmy-tehniki rewolýusiýa | Elektron senagat, hasaplaýjy, optiki-süýmli tehnikalar, programma üpjünçiligi, telekommunikasiýa, robot gurluşy, gazyň önümçiligi we gaýtadan işlenmegi, maglumat hyzmatlar | Kompýuter torlar, sputnik aragatnaşygy, internet, global energoulgamlar, awia ýollar | Torlaryň emele gelmegi, logistika, klastery, autsorsing |
| 2010-2050 ý.ý sanly rewolýusiýa | Biotehnologiýa, molekulýar biologiýa we gen inžineringiň gazananlarynyň esasynda emele gelen nanotehnologiýa, emeli intellekt ulgamy | Global derejede maglumat tory we birleşen ýokary tizlikli gatnaw(transport) ulgamy | Hyýaly serwis, 3D printerler internet zatlar, bulutlaýyn önümçilige hyzmat edýän hojalyk pudaklarynyň kompleksi, |

Günbatar edebiýatlarynda tehnologik tertip (uklad) diýen düşünje peýdalanmandyr. Tehnologiýanyň üýtgemegi netijesinde ykdysadyýetde bolup geçen öwrülşigi olar senagat rewolýusiýasy diýip aýdyp geçipdirler we 4 sany senagat rewolýusiýasy barada durup geçipdirler.

| Senagat rewolýusiýasy | Ösüşiň esasy çeşmesi |
|---|---|
| 1770-1860 ý.ý. 1-nji senagat rewolýusiýasy – bug we egirme önümçilik eýýamy | Bug maşynlar, egirme-dokma maşynlar, metallurgiýa, tokar stanok |
| 1860-1900 ý.ý. 2-nji senagat rewolýusiýasy – polat we üznüksiz önümçilik | Telegraf, demir ýollar, içinden ot alýan dwigateller, konweýerler. |
| 1970-2010- ý.ý.3-nji senagat rewolýusiýasy - kompýuterler eýýamy | Kompýuterler, elektronika atom energiýasy, robotlar |
| 2010-2060- ý.ý 4-nji senagat rewolýusiýasy | NBIC-tehnologiýalar – N-nano, B-bio, I- |

| | |
|---|---|
| – kiberfiziki ulgam, internet, sanly ykdysadyýet eýýamy | info, C-kogito(kognitiw)(emeli intelekt), 3D printerler, dikeldip bolýan energiýa(täzeden), dronlar, internet zatlar |

4-nji senagat rewolýusiýasy guramalar we dolandyryş tarapyndan täze bir ugur hökmünde seredilýär. Şonuň esasynda şeýle garaýyşlar gelip çykýar:

- Ýönekeý sanlaşdyrmadan birleşen tehnologiýalaryň innowasion derejesine geçmegi guramalaryň iş alyp baryşlaryna täzeden garamaklaryna getirýär.
- Köprägem dünýäniň fiziki, sanly we biologik ýakynlaşmagy, täze tehnologiýalaryň we platformalaryň we kiberfiziki ulgamyň emele gelmegine getirýär.
- Internet hyzmatlaryň giňemegine
- Hökümediň we ilatyň gatnaşygynda aýanlyk güýçlenýär
- Halkara guramalaryň düýpgöter transformirlenmegi

**2. Sanly ykdysadyýetiň döwürlere bölünişi.**

Maglumat aragatnaşyk tehnologiýalarynyň üýtgemekleriniň netijesinde ykdysadyýetiň ösüş döwrine hem täsir etdi. Geliň sanly ykdysadyýetiň ykdysadyýetde bolup geçen wakalaryň esasynda döwürlerde göreliň:

**Birinji etap** (1850-1950 ý.ý) – sanly ykdysadyýetiň emele gelmegi – gönüden-göni ilkinji telekommunikasiýa tehnologiýalarynyň we oýlap tapyşlaryň ýüze çykmagy bilen bagly;

**Ikinji etap** (1960 ý.ý) sanly ykdysadyýetiň işjeň giňäp başlan wagty haçanda dünýäde sanly innowasiýalaryň köpçülikleýin peýdalanyp başlan döwri.

**Üçünji etap** 1990 ýyllaryň başynda dünýä torunyň (WWW) emele gelmegi bilen başlaýar. Haçanda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli gurşawynda global derejede internediň giňemegi.

**Dördünji etap** (2001-2009 ýý.) – bu döwürde ýokary tizlikli öýjükli aragatnaşyk tehnologiýalaryň söwda dolanşygy, smartfonlaryň emele gelmegi, elektron tölegleriň we internet hyzmatlaryň ýaýramagy.

**Bäşinji etap** 2010 ý. başlap tiz giňeýän mobil we bulutlaýyn priloženiýalar bilen baglanşykly. Köpçülikleýin täze sanly tehnologiýalary peýdalanyp başlanmagy dünýä ykdysadyýetinde kriptowalýutanyň giňemegi. 2011-nji ýylda Dawos forumynda ilkinji gezek Senagatlaşma 4.0 diýen adalga agzalyp geçildi we şondan soňra birnäçe ýurtlarda sanly ykdysadyýeti giňeltmek we höweslendirmek bilen ýörite programmalar konsepsiýalar öňe sürülip başlady.

### 3. Sanly ykdysadyýet globallaşmanyň täze döwri hökmünde.

Globallaşma prossesini dürli görnüşde emele getiripdirler. E.Meddisonyň “Dünýä ykdysadyýetiniň kontorlary 1 – 2030 ý.ý.” diýen kitabyna esaslanyp adamzat siwilizasiýasy öz ösüşinde 6 sany globallaşa etabyny geçiripdirler. Globallaşmanyň 5-nji etabynyň esasynda halkara ykdysady gatnaşyklar giňap başlapdyr, halkara guramalar döräpdir, integrasion birleşmeler giňäpdir. Adamlaryň ykjamlygy güýçlenipdir. Globllaşmanyň altynjy etaby 70 ý.ý başynda başlap dünýä ykdysadyýetinde integrasion birleşmeleriň we transmillikompaniýalaryň emele gelmegi bilen baglanşykly. Bäşinji we altynjy etaplaryň iň bir esasy gazananlaryna halkara guramalar bolan “Bütin dünýä söwda guramasy”, “Halkara pul gaznasy” hemde global derejede töleg ulgamlary bolan SWIFT, VISA, Europay-dyr.

XXI asyryň çäginde adamzat siwilizasiýasynyň ösüşinde ýurtlaryň we halklaryň dünýä derejesinde tor arkaly işjeň öz bilimleri, tehnologiýalary bilen alyş- çalyş etmäne täze ymtylyşlar göze görünip başlady.

Dünýä derejesindäki maliýe krizisinden soňra (2008-2009 ý.ý) ýurdyň daşyna kapitaly çykarmak peseldi we ABŞ-nyň Prezidenti D.Trampyň birnäçe baglaşan halkara ykdysady şertnamalaryndan çykany (pozany) we gümrük päsgelçilikleri ykdysady globallaşmanyň durup galmagyna (pese gaçmagyna) getirendikleri barada ýazyp başladylar. Emma hyýaly harytlaryň, kriptowalýutalaryň giňden ýaýramagy transserhet derejesinde, globallaşmanyň täze derejesini – “sanly globallaşma” geçmek.

Sanly globallaşma diňe bäsleşige ukyplylygy ýokarlandyrman, eýsem dünýä bazarynda täze kanallary açmaklyga bahalaryň global derejede elektron zynjyrlarda emele gelmegine getirýär.

Häzirki zaman sanly tehnologiýalary diňe bir dünýä boýunça biziň nädip haryt we hyzmat öndürýändigimize täsir etmän, eýsem biziň nähili edip işimizi ýöredýändigimize, nädip boş wagtymyzy geçirýändigimize, nädip özimiziň jemgyýetçilik hukugymyzy amala aşyrýandygymyzy, nädip çagalarymyzy terbiýeleýändigimizi hem täsir edýär. Adamlar global derejede sanly platformalary okuw, boş işýerlerini gözlemek, öz döredijilik ukybymyzy aýan etmek we sosial torlar arkaly bir-birleri bilen gepleşmek üçin peýdalanylýar.

**Global sanly ykdysadyýet kompaniýalar üçinem täze biznes wezipeleri we mümkinçilikleri açyp görkezýär:**

- Üpjün edijilere, müşderilere, işçi güýjine, maliýe resurslara päsgelçiliksiz ygtyýarlyk berýär haýsy ýurtda ýerleşendigine seretmezden;
- Biznese “çäksiz” diýen düşünje esasynda hakyky wagtda daşary ýurtdaky müderileri, partnýorlary, üpjün edijileri, işgärleri dolandyrmak bilen bagly;
- Tranzaksiýa şertnamalarynda, marketingde täze bazarda sarp edijileri gözlemek bilen bagly çykdajylaryň azalmagy;

- Sanly platformalar arkaly guramany online hyýaly görnüşde dolandyrmak (işi ýöretmek)
- Birneme ulurajyk guramalaryň dörän wagtyndan transmilli funksiýalara geçmeklikleri;

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Glazeýewiň Tehnologik öwrülşigi barada ýazyň.
2. 4 sany senagat rewolýusiýasyny ýazyň.
3. 4-nji senagat rewolýusiýasy guramalar we dolandyryş tarapyndan täze bir ugur hökmünde seredilýär. Şonuň esasyndan nähili garaýyşlar gelip çykýar?
4. Sanly ykdysadyýetiň döwürleri nähilili döwürlere bölünýär?
5. Sanly globallaşma öz düşünjäňizi ýazyň.